**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistikki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

Awgust, 2025ý. 8-nji sany.
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly



## BILIMIŇ WE ÝAŞLARYŇ BAÝRAMY

Gahryman Arkadagymyzyň badalga beren beýik işleri bilen birlikde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bilim ulgamyny dünýä hil ülňülerinde kämilleşdirmekde, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmakda toplumlaýyn çäreler giň gerimde durmuşa geçirilýär. Sanly bilim ulgamyny ösdürmek, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmek boýunça Konsepsiýalaryň kabul edilmegi we olaryň häzirki wagtda ýokary depginde durmuşa geçirilmegi netijesinde bu ugurlarda düýpli önegidişlikler gazanylýar. «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasynyň» tassyklanylmagy bolsa bu öňegidişlikleri has-da ilerletmekde aýgytly ädimleriň biri boldy. Bu resminama okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge, milli tejribä, döwlet we halkara bilim ülňülerine laýyk getirmäge, bu ugurda innowasion usullary giňden ornaşdyrmaga, mugallymlaryň döredijilik başarnyklaryny hem-de ussatlyklaryny has-da artdyrmaga gönükdirilendir. Şeýle döwrebap hem-de toplumlaýyn çäreleri göz öňünde tutýan resminamalaryň kabul edilmegi, ýurdumyzyň şäherlerinde, şäherçelerinde, obalarynda interaktiw-multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilen döwrebap bilim edaralarynyň yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilmegi, 1-nji synpa okuwa barýan bagtyýar çagalara noutbuk kompýuterleriniň sowgat berilmegi bilim ulgamyny ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň döwlet tarapyndan hemişe üns merkezinde saklanylyandygynyň aýdyň güwäsidir. Ajaýyp zamanamyzyň her bir ýylynda bolşy ýaly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 1-nji sentýabrynda hem Bilimler we talyp ýaşlar gününiň dabaraly çäreleri birbirine ulaşar. Bagtyýar okuwçylardyr-talyp ýaşlar täze, 2025-2026-njy okuw ýylynyň başlanmagy bilen, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän ajaýyp mümkinçiliklerinden peýdalanyp, öz bilimlerini artdyrarlar, dünýägaraýyşlaryny giňelderler. Şeýle hem bilim ojaklarynda dürli medeni-sport çärelerine, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlara giň gerimde badalga berler. Çünki, sagdyn durmuş ýörelgesi, sport bilen meşgullanmak bilimler dünýäsine çuňňur aralaşmaga uly ýardam berýär. Ýaş nesillere ýokary derejede bilim-terbiýe berilýän ýurdumyzda olaryň beden taýdan sagdyn, sportda belent sepgitlere ýetip biljek adamlar bolup ýetişmekleri üçin hem ähli mümkinçiliklerin döredilýändigi döwrümiziň guwandyryjy hakykatydyr.

*Ogulnäzik Isenowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# ОТ ТРИУМФА К ЛЕГЕНДЕ: КАК СПОРТ СТАЛ БОЛЬШЕ, ЧЕМ ИГРА.



Спорт в его современном понимании — это не просто соревнование, это целый мир, который объединяет миллиарды людей, дарит эмоции и вдохновляет на подвиги. Но так было не всегда. От древних Олимпийских игр до высокотехнологичной индустрии XXI века, спорт прошёл долгий и удивительный путь.

История спорта уходит корнями в Древнюю Грецию, где физическая подготовка и состязания были неотъемлемой частью жизни. Олимпийские игры, проводившиеся с 776 года до нашей эры, были больше, чем просто соревнования. Это был праздник чести, силы и физического совершенства. На время их проведения прекращались войны, и атлеты со всего эллинского мира съезжались в Олимпию, чтобы сразиться в беге, борьбе и метании диска. Однако с падением Римской империи спорт надолго ушёл в тень, превратившись в развлечение для народа, но потеряв своё былое величие.

Новый виток в истории спорта начался в XIX веке, когда благодаря усилиям французского энтузиаста Пьера де Кубертена были восстановлены Олимпийские игры в 1896 году. Игры вновь стали символом мира и объединения наций. Одновременно с этим формировались правила и развивались виды спорта, которые мы знаем сегодня. Появлялись первые футбольные и хоккейные клубы, создавались лиги, а баскетбол, придуманный Джеймсом Нейсмитом в 1891 году, быстро набирал популярность.

XX век подарил миру настоящих спортивных героев, чьи имена стали синонимами своих видов спорта. Джесси Оуэнс на Олимпиаде 1936 года в Берлине не просто выиграл четыре золотые медали, он опроверг расовые теории нацистского режима. Мухаммед Али стал не только величайшим боксёром, но и общественным деятелем, символом борьбы за права и свободу. В этот период случались и события, которые казались невозможными, как, например, «Чудо на льду» — победа студенческой сборной США по хоккею над непобедимой советской командой на Олимпиаде 1980 года, которая доказала, что в спорте возможно всё.

В современном мире спорт стал не просто зрелищем, а высокотехнологичным полем для инноваций. Сегодня технологии меняют правила игры. Спортивная экипировка, созданная с использованием умных материалов, позволяет атлетам достигать новых высот, а носимые устройства — от фитнес-браслетов до «умной» одежды — помогают спортсменам и тренерам анализировать физическое состояние и оптимизировать тренировочный процесс. Системы видеоповторов, как, например, VAR в футболе, делают судейство более справедливым и точным. Даже для зрителей технологии открыли новые возможности: дополненная реальность позволяет проецировать статистику игроков прямо на экран во время трансляции, а дроны делают съёмку более динамичной и захватывающей.

Несмотря на все изменения, одно остаётся неизменным. Спорт по-прежнему является мощным источником вдохновения. Истории о преодолении, упорстве и триумфе продолжают трогать сердца миллионов. Он объединяет нас, напоминая, что на поле или арене мы все равны, а победа достаётся тому, кто сильнее духом.

*Arslan Orazmämmedow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## BATLY ÄDIMLER BILEN BELENT SEPGITLERE TARAP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ýurdumyzda ynsan durmuşyna sagdyn durmuş ýörelgesini ornaşdyrmak babatda, ýokary derejeli sporty ösdürmekde iri göwrümli çäreler durmuşa geçirilýär. Muňa mysal ýurdumyzyň dürli künjeklerinde dünýä ülňülerine gabat gelýän sport desgalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi, köpçülikleýin bedenterbiýäni jemgyýetimize ornaşdyrmaga uly itergi berýän güýç bolup durýandygyny belläp geçsek ýalňyşmarys. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlanan, peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde sport abraýymyz gün saýyn ösýär, belent sepgitlere ýetýär. Arkadagly Gahryman Serdarly, Gahryman Arkadagly gül diýarymyzyň gözel paýtagty Aziýanyň merjeni Aşgabat şäheri häzirki wagtda halkara ýaryşlaryny geçirmäge ukyply merkezleriň birine öwrüldi. Muňa mysal edip ýurdumyzda geçirilen 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny, 2018-nji ýylda Amul Hazar awtorallisini, 2019-njy ýylda agyr atletika boýunça dünýä çempionaty, 2023-nji ýylda geçirilen Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny buýsanç bilen aýtmak bolar. Halkara ýaryşlaryň mekanyna öwrülen Türkmenistan diýarymyzda 2025-nji ýyl ýagny Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem milli ýygyndy toparlarymyz yzygiderli halkara derejeli bäsleşikleri gatnaşyp baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Döredip berilýän giň mümkinçiliklerden peýdalanýan ýaşlarymyz, türgenlerimiz Türkmenistan döwletimiziň ýaşyl Tuguny belentde parladýarlar. Biz hem öz gezegimizde türkmen türgenlerine üstünlikleriň ýaran bolmagyny tüýs ýüregimizden arzuw edýäris.

Bize okamaga, öwrenmäge, şeýle eşretli zamanada ýaşamaga döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sag bolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ilýurt bähbitli döwlet ähmiýetli başyny başlan beýik başlangyçlarynyň elmydama rowana menzillerde rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

*Allaýar Merdanow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## Futbolçynyň hünär ýoly



1991-nji ýylda doglan ildeşimiz Mingazow Kamil ilkinji gezek 16 ýaşynda Aşgabat FK futbol ýygyndy toparynda oýnap başlaýar we şol ýyl hem öz komandasynyň Türkmenistanyň Ýokary kubogyny almagyna goşant goşýar. Onuň kakasy hem belli legioner futbolçy Kamil Mingazowdyr.

Şondan soň, ol futbol üstünliklerini dowam etdirip, ilki Latwiýanyň «FK Skonto Riga» futbol komandasynda 4 ýyl oýnaýar. Ol Rigaly klub bilen altyn, kümüş we bürünç medallaryny we Latwiýa Kubogyny ýeňmegini başarypdy. Mingazow, soňra Çehiýanyň Ýablones, Slawiýa Praga, Mlada Boleslaw we Pribram toparlarynda oýnady. Ol geçen ýoluny 2019-njy ýyldan soňra Gazagystanda dowam etdirdi. Ol bu ýurtda Irtiş Pawlodar (2019-20 ý) Şahtýor Karagandy (2020 ý) we Kaspiýde (2020-2021 ý) oýnady. Häzirki wagt bolsa ol Gonk-Kong Respublikasynyň «Kitçi» FC toparynda oýnaýar.

Bu toparyň düzüminde çykyş edýän türkmenistanly ýarym goragçy Ruslan Mingazow futbol boýunça Gonkongyň çempionatynyň 2022 – 2023-nji ýyldaky möwsüminiň iň gowy oýunçysy boldy.

Ýeri gelende bellesek, netijeli geçen möwsümde «Kitçi» bilen çempionlygyny baýram eden Mingazow Gonkongyň çempionatynyň 18 oýunda meýdança çykyp, 17 gol geçirmegiň hötdesinden geldi. Şeýlelikde, ol Çempionatyň iň köp gol uran oýunçylarynyň biri boldy.

*Jelil Şaýyrdyýew,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI KÄMILLIGIŇ BELENT NUSGASYDYR



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly başlangyçlary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň we türkmen halkynyň taryhyny, medeni mirasyny, taryhymyzda aýratyn yz galdyran beýik şahsyýetleriň ömrüni we döredijiligini öwrenmäge bagyşlanan halkara ylmy maslahatlary yzygiderli geçirilýär. Çüňňur many-mazmuna ýugrulan şygyrlary miras galdyran akyldar Magtymguly Pyragynyň döredijiligi kämilligiň nusgasydyr.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň ýaşan döwründe ýurdumyzyň çäklerinde orta asyrlardaky beýik döwletler, olaryň köşk edebiýaty, uly akaba öwrülen ulama şahyrlar bolmadyk ýaly bolup görünse-de, ol ilkinji nobatda ulama, şahyr Döwletmämmet Azadynyň mekdebinde bilim, sowat alan gündogar edebiýatynyň şygyr düzmek usullaryny ezberlän, soňra olary türkmen edebiýatynyň çeperçilik däpleri bilen utgaşdyryp, häzirki zaman türkmen edebi diliniň esaslandyrylmagynda uly hyzmatlary bitiren şahsyýetdir. Magtymguly ähli türkmen tire-taýpalary üçin düşnükli bolan dilde şygyrlar döredip, durmuşyň wagty ýeten meseleleriniň iň dogry ýol bilen çözülmegine il-günüň ünsüni çekipdir. Elbetde, Magtymgulynyň sebitde uly ylym ojaklary bolan Buharanyň Gögeldaş, Hywanyň Şirgazy medreselerinde bilim almagy onuň diňe bir öz döwrüniň däl, ähli döwürleriň beýik şahsyýetleriniň ilkinjileriniň hataryna çykmagynda ähmiýeti uludyr.

Magtymgulynyň şygyrlarynyň edebi gahrymany gündelik durmuş hakynda pikirlenýär, il-halkyň aladasy bilen ýaşaýar. Bular bolsa öz gezeginde watançylyk, agzybirlik hem durmuşy temalarda has anyk ýüze çykýar. Magtymguly Pyragy şygyrlaryny halk üçin döreden sözüň ähmiýetine aýdyň göz ýetiren beýik şahsyýet, türkmen edebiýatyna täzeçe öwüşgin beren täzelikçi şahyrdyr.

Alym Arkadagymyz «Magtymgulynyň döredijiligi bu gün diňe türkmen halkyna däl, eýsem tutuş adamzada ruhy lezzet berýär. Şonuň bilen birlikde, şahyryň döredijiligi durmuş bilen baglanyşykly meseleler babatda oýlandyrýan döredijilikdir. Onuň aýdym bolup dillerde ýaňlanan, parasat bolup aňa siňen ajaýyp şygyrlarynyň dünýä dilleriniň onlarçasyna terjime edilendigi we edilýändigi, ine, şol sebäplidir» diýmek bilen akyldar şahyryň şygyrlarynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýaşaýjylary bolan biziň üçin, şeýle-de geljekki nesiller üçin ýol görkeziji şamçyragdygyny belläýär.

Beýik akyldaryň arzuwlan erkin, Garaşsyz döwletinde bu gün türkmen halky jebislikde bir döwlete gulluk edýär. Bitaraplyk ýoluny baş ýörelge edinen türkmen halky asuda we abadan durmuşda ýaşaýar, döredýär, gurýar. Türkmen döwleti gün-günden beýgelýär, kuwwatlanýar, onuň parahatçylyk döredijilikli syýasaty dünýä ýüzünde dabaralanýar.

*Sonajan Tekemämmedowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.**

# Sport hakda pähimler.

Ilki bilen sport sözüniň gelip çykyşy etimologiki taýdan bolup latyn dilindäki "Disport" sözünden gelip çykandyr. "Dis-Portare" sözi bolup terjime edilende işden uzakda bolmak, güýmenje we dynç alyş maksady bilen amala aşyrylýan iş diýmekdir.

Durmuşyňyzyň has-da owadan bolmagy hem-de sport bilen meşgullanmagyňyzy ýatlatmak bilen, sport bilen baglanyşykly degişli şu pähimleri hödürleýäris.

• Güne ir bilen başlaýaryn we giç gutarýaryn, günlerdir, ýyllardyr. Bir günde başaryp bilemok, maňa 17 ýyl 114 gün gerek boldy.

**Lionel Messi**

***

• Men hiç haçan dünýäni ýeňmek üçin ýola çykmadym. Men diňe iň gowusyny etmek üçin ýola çykdym.

**Al Oeter**

***

• Iň owadan gol boş derweza atylan goldur.

**John Kruyff**

***

• Günüň dowamynda basgançakdan 5 gezek münüp düşmek, ýürek - gan aýlanyşygy, dem – alşy hem-de energiýany has-da gowy sakalamagy ýola goýýar.

***

• Sport bilen meşgullanmakdan gorkmaň, her gezelenç bir ýerlerden kiçijik ädimler bilen başlar.

**Namyk Ekin**

*Üzümgül Hajyýewa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Emeli aň durmuşa ornaşdyrylýar

2025-nji ýyl adamzadyň ösüş ýolunda täze bir basgançak boldy. Dünýäniň dürli ýurtlarynda ylmy-barlag merkezlerinde we kompaniýalarda döredilen tehnologiýalar durmuşymyzy has ýeňilleşdirýär, işleriň ýerine ýetirilişini çaltlandyrýar we täze mümkinçilikleri döredýär. Soňky ýyllarda emeli aň (AI) pudagy has-da güýçli ösdi. 2025-nji ýylda AI diňe bir maglumatlary gaýtalamak ýa-da gözleg işlerini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem lukmançylykda näsaglaryň ýagdaýyny seljerip öňünden maslahat bermekde, ykdysadyýetde bazar ýagdaýlaryny çaklamakda, durmuşda bolsa gündelik işlerde ulanylyp başlandy.

10 — 18-nji awgust aralygynda türkmen wekiliýeti Kanadanyň Toronto şäherinde emeli aň, döredijilik hem-de innowasiýa ugurlary boýunça ýurdumyzyň degişli döwlet edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen geçirilen duşuşyklara, şeýle hem Kanadanyň milli teleradio korporasiýasynyň (CBC) ýolbaşçylary bilen guralan duşuşyga gatnaşdy. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi saýtynda berilýän habara görä, geçirilen gepleşikleriň çäklerinde žurnalistika, metbugat, aragatnaşyk, dolandyryş we emeli aň ugurlary boýunça okatmagyň döwrebap usullary, aýratynlyklary, sanly maglumatlaryň ulanylyşy we bu ugurda hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

*Selbi Bäşimowa,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# GÖREŞ




Türkmenistanda göreş diňe bir sport däl, eýsem türkmen halky üçin gadymdan gelýän mirasdyr. Ýurdumyzyň medeni mirasynyň möhüm bölegi bolan göreşiň asyrlarboýy taryhy bardyr.

Türkmenler göreşi jemgyýetçilik işjeňligi hökmünde görýärler we sport dostluk, hormat we raýdaşlyk temalaryna ünsi çekýär. Her ýyl geçirilýän türkmen göreşi ýerli ilat üçinem, höwesjeň we hünärmen türgenler üçinem möhüm çärä öwrüldi. Göreş, türkmen däplerinde möhüm orny eýeleýän türkmen toýlarynda ýygy-ýygydan görkezilýär. Toýlarda pälwanlar toý baýraklary üçin öz güýçlerini synaýarlar. Adaty göreş usullary we häzirki zaman usullary ulanylýan bu ýaryşlarda türgenleriň strategiki pikirleniş ukyplary fiziki güýji ýaly ilkinji orunda durýar.

Türkmenistanda geçirilen Milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryşy we ol ýaryşda gazanylan altyndyr kümüş medallar göreşiň türkmen halky üçin aýratyn bir ornunyň bardygynyň aýdyň şaýadydyr. Eýsemde, göreşiň türkmeniň taryhyndan şu günlerimize gelip ýetmegi ýöne däldir. Şol bir wagtyň özünde, türkmen türgenleriniň halkara göreş çempionatlarynda gazanan üstünlikleri ünsüňi özüne çekýär. Bu, sport göreşiniň Türkmenistan üçin nähili möhümdigini ýene bir gezek görkezýär.

Göreş diňe bir fiziki bäsdeşlik däl, eýsem milli şahsyýetiň nyşany hasaplanýar.

*Annageldi Gadamow,*
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

*HEKAÝA*

# SPORTSUZ ÝATLAMA

Şu wagta çenli «Ýatlamalarda ýylgyrýan keşplerdäki» ähli gürrüň beren wakalarym sport bilen baglanyşykly. Ýöne bile işleşmek miýesser bolan belli adamlar bilen sporta düýbünden degişli bolmadyk gyzykly wakalar az däl. Olar ýadyňa düşende özüňden biygtyýar ýylgyranyňy duýman galýaň.

Ynha, bir gezek «Dünýä edebiýaty» žurnalynda ýurdumyzdaky belli döredijilik işgärleriniň gatnaşmagynda «Terjimeçilik mekdebi» döredijilik birleşmesiniň duşuşygyny geçirýärdik. Gürrüň, ellbetde edebiýat, çeper terjime barasyndady. Halypamyz, türkmen edebiýatynyň ägirtleriniň biri Atajan Tagan ýaş terjimeçiler barada gürrüň berýärdi. Ýaş terjimeçileriň içinde iň zehinlileriniň biri hasaplanýan Ahmet Meläýew hakynda halypamyz öz pikirini aýtmakçy bolýardy. Ahmediňem tüweleme galamy gaty ýiti, diňe bir terjimeleri däl, kyssa eserleriniňem hiç kimiňkiden pes däldiginden türkmen okyjylary, elbetde, habarlydyrlar.

Onsoň, Atajan aga hem Ahmet Meläň işlerine synynyň oturýandygyny aýtjak bolýar welin, halys onuň familiýasy ýadyna düşenok.

— Ol Ahmet neme, bardyr-a — diýip, ol ýadyna saljak bolup, az salym böwrüne diň saldy. — Hany ol žurnalymyzda gidýän, Ibn Battutanyň «Syýahatnamasyny» terjime eden oglan bardyr-a, Ahmet neme...

Ýazyjy Jumageldi Mülkiýew Atajan aga kömege ýetişdi:

— Ahmet Mele.

— Hä-ä, Ahmet Mele — Az-kem durdy-da, halypa ýazyjy yzyna suňşuryp goýberdi — Äl-aýt, özümem-ä gaty golaýladan ekenim-ow, Ahmet neme diýip.

Muňa hemmämiz gyzyl-gyran gülüşdik...

Hawa, söz ussatlarynyň aýdan her sözi şapylap ýerine düşäýýär, edil ussat türgenleriň edýän her bir hereketiniň gelşip durşy ýaly.

Ýogsa-da, men sporta degişli däl wakany ýatlamakçy bolupdym welin, ýene gürrüňim sporta syrykdy duruberdi. Görýän welin, bir tarapynda sport bolmasa boljak däl öýdýän...

***Gurbangeldi Mämmetsähedow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň mugallymy.**

# KÜŞTÜŇ TARYHYNDAN



**KÜŞT** - gadymy akyl-paýhas oýnudyr. Takmynan, 2000 ýyl mundan Hindistanda döräpdir diýlip hasap edilýär. Küşt oýnunyň döreşi bilen baglanyşykly birnäçe rowaýatlar hem bar. Elbetde türkmen halkynyň arasynda küşt oýnunyň gadymdan bäri oýnalyp gelinýändigi mälimdir. X asyrda ýaşap geçen Abu Bekr Muhammet As-Sulynyň öz döwründe dünýäniň iň ökde küştçisi hasap edilmegi, küşt oýnunyň bu döwürden hem öň türkmenleriň arasyna ornaşandygyny görkezýär. As-Suly köptaraply alym, zamanasynyň meşhur küştçüsi we küşt hakynda kitap ýazan danadyr.

Al-Biruni "Hindistan" atly kitabynda küşt oýnuny oýlap tapan brahman (Hindistanyň iň ýokary kasta jemgyýetine degişli bolan adam) barada hekaýany beýan edýär. Özüniň döretmesi üçin Rajadan göräýmäge ýönekeý bolan baýragy: küşt tagtasynyň her indiki öýjüginde iki esse köpelýän bugdaý dänesiniň toplumyny sorapdyr. Ýagny öýjükleriň birinjisinde – 1, ikinjisinde – 2, üçünjisinde – 4 we ş.m. Hasaplap görlende munuň ýaly möçberdäki däneler tutuş Ýer ýüzünde ýok (arifmetiki progressiýa esaslanyp, 264 – 1 = 18446744073709551615 däne). Brahman munuň bilen döreden oýnunyň gymmatynyň hiç bir zat bilen deňeşdirip bolmaýandygyny düşündirmek islän bolmaly. Elbetde, näçe asyrlap öz gymmatyny ýitirmän, höwes bilen oýnalýan oýna öwrülmegi küşt oýnunyň deňi-taýy bolmadyk ajaýyp açyşlaryň biridigini subut edýär.

Häzirki döwürde küşt oýny sportuň köpçülikleýin we meşhur görnüşleriniň birine öwrüldi. Küşt boýunça dünýäniň resmi çempionatlary, halkara ýaryşlary giňden geçirilip, sport äleminde görnüklilige eýe boldy. Sportuň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda küşt dünýäniň ähli ýurtlarynda diýen ýaly ýaýrap, diňe bir güýmenje däl-de, eýsem ylym hökmünde-de bu ugurda uly işler geçirilýär.

Çagalaryň umumy intellektual ösüşine we onda şahsyýetiň kemala gelip, kämilleşmeginde küşt oýny bilen meşgullanmaklygyň ähmiýetiniň uludygyny pedagoglar nygtaýarlar. Çagalaryň ünsüni çekmek we olary geljekde ýokary derejeli küştçüleri taýýarlamak üçin biziň ýurdumyzda ähli şertler we mümkinçilikler döredilýär.

Eziz diýarymyzda ilatyň arasynda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketlerini ornaşdyrmak, şeýle hem ýurdumyzda sportuň aňpaýhas görnüşlerini has-da ösdürmek maksady bilen, 2025-nji ýylda Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde sportuň küşt görnüşi boýunça halkara ýaryşy uly şatlyk şowhuna beslendi. Bu ýaryş 8,10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda gurnalyp, dürli ýurtlardan we sebitlerden gelen zehinli ýaş küştçileri bir jemledi.

Şeýle iri halkara ýaryşlarynyň geçirilmegi ýurdumyzyň halkara sport abraýyny ýokarlandyrýar hem-de ýaş türgenlere tejribe toplamakda giň mümkinçilikleri döredýär. Bu bäsleşikler ýaşlaryň sporta bolan gyzyklanmasyny artdyrmak bilen bilelikde, olaryň intellektual mümkinçilikleriniň hem kämilleşmegine ýardam berýär.

***Serdargeldi Nurmuhammedow,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

# *Mekdep bazarlary — abadançylygyň hem-de bolçulygyň nyşany*

Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizde her ýylyň awgust aýy özboluşly many-mazmuna, ýakymly hysyrdylara, haýsydyr bir begençli-şatlykly waka garaşmak, taýýarlyk görmek ruhuna eýe. Çünki öňdäki aýdan başlap, ýurdumyzyň ýokary hem-de orta mekdeplerinde, mekdebe çenli çagalar edaralarynda aýratyn möhüm pursatlar — täze okuw ýyly başlanýar. Oňa mynasyp taýýarlykly, täzeje mekdep egin-başly, degişli okuw esbaplary bilen üpjün halda barmak her bir ösüp gelýän ýaş nesliň wekiliniň, olara mähir bilen bakyp, aladasyny edýän ata-enäniň baş arzuwy.

Özüň, eziz halkyň, il-günüň, dost-ýarlaryň bilen arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda ýaşaýandygyň buýsançly duýgusy bu aladalary ýakymly ünjä, asylly maksada öwürýär. Awgust aýyndan başlap, paýtagtymyzyň, welaýatlarymyzyň, obadyr şäherlerimiziň her bir künjünde mekdep bazarlary hereket edip başlaýar. Onda, buýsanç bilen aýdylyşy ýaly, adyny tutan mekdep harydyňy tapmak bolýar. Özi hem olaryň agramly bölegi «Türkmenistanda öndürildi» diýen belgilidir.

Özüň jemleýji okuw ýyllaryna gadam basan talyp bol ýa-da zähmet ýoluna gönügen hünärmen bol, bu mekdep bazarlarynyň deňinden biperwaý geçip bilmersiň. Gündelik öý hojalygynda zerur bolan harytlary satyn almak üçin gelen bolsaň-da, gelşinmi, gaýdyşynmy, bu mekdep bazarynyň deňinden göni geçip gidiberesiň gelmän, bir aýak çekersiň. Gök-sary reňklerde taýýarlanan başlangyç synplar üçin sanalýan çöpjagazlardamy, owadan, ýeňiljek göze gelüwli, ulanmaga amatly edilip taýýarlanan hasap enjamlar, dürli reňkli galamlar, syýagalamlar, depderler, gündelikler, höwesiňi özünde kökerer. Bu ýyl mekdep gapysyny kakmaly körpeje jigiň, doganyň, doganoglanyň barmydyka, şu sowgatjyklardan birini alyp berip begendiräýer ýaly diýersiň. Reňkleriň köpdürlüligi körpe ýaşdaky nesliň dünýäni, ol barada bilimleri kabul edijiligini terbiýelemekde möhüm usul, möhüm serişdedir. Hut şu pursat welin, ol seni — uly ýaşlyny özüne kökerip durandyr. Sebäbi, özüň hem wagtynda şol reňkleriň, şol öwüşginleriň dünýäsinde ulalansyň, ösensiň, bilimleriň esaslaryny çaga kalbyňda, okuwçy zehiniňde eýlänsiň...

***Mamagül Joraýewa,***
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

**«Talyp sporty» aýlyk elektron gazeti**
***Esaslandyryjysy — Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty***

**Salgysy: 744013, Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40.**
**Telefon: +99312 22-65-47**
**Faks: +99312 22-65-70**
**Elektron salgymyz: tdbsi@sanly.tm**

**Gazeti elektron görnüşde «tdbsi.edu.tm» internet sahypasyndan hem-de «tdbwesi.sanly» bilim portalyndan okap bilersiňiz.**

**Jogapkär redaktor: Arslan Myradow.**

**Redaksiýanyň geňeş agzalary:**
**G. Baýlyýewa, M. Joraýewa, S. Bäşimowa, M. Durdyýewa, A. Amanowa, G. Soltowow, A. Halmedow, J. Baltabaýew, H. Muhyýewa, A. Mämmedowa, I. Çüriýew, Ý. Rahmanowa**